# Ugur: bilimler dünýäsine

***Mekdebe çenli çagalar edaralarynda körpeler bilimler dünýäsiniň birinji basgançagyny ädimläp, ak mekdebe taýýarlanýarlar. Biziň çagalar bakja-bagymyzda hem körpeleriň sowatly, bilimli bolmaklary bilen birlikde asylly ýörelgelerimize laýyklykda terbiýelenilmekleri ugrunda gaýym hyzmatda bolunýar, olaryň sungata, döredijilige höweslerini artdyrmak üçin ähli tagallalar edilýär.***

Ata-eneler maşgalada çagalara edep-ekram berseler, çagalar baglarynda terbiýeçiler olara bilim-terbiýe berip, olaryň inçe duýgularyna aralaşýarlar we dünýägaraýyşlaryny giňeldýärler. Olar körpeleriň mekdebe oňat taýýarlykly barmaklary, akyl, zähmet endikleriniň ösdürilmegi ugrunda yhlasly zähmet çekýärler. Biziň çagalar bakja-bagymyzda hem kärini söýýän, ussat terbiýeçidir mugallymlar zähmet çekýärler. Terbiýeçilik ojagymyzda çagalaryň sözleýşini ösdürmek, daş-töwerek we tebigat bilen tanyşdyrmak, sowat öwretmek, beden saglygy, aýdym-saz, ýönekeý matematika, surat çekmek boýunça sapaklar guralýar. Sapaklaryň üsti bilen körpelerde watansöýüjilik, ynsanperwerlik, ululara hormat goýmak, deň-duşlaryny sylamak, zähmete söýgi döretmek ýaly endikler kemala getirilýär.

Çaga — durmuşymyzyň güli, ata Watanymyzyň, halkymyzyň geljegi. Her bir maşgala öz çagasyna guwanyp ýaşaýar. Şonuň üçin biz — terbiýeçiler okuw-terbiýeçilik işlerini talabalaýyk, işjeň usulda guramaga çalyşýarys. Biz mundan beýläk-de hormatly Prezidentimiziň döredip berýän mümkinçiliklerinden peýdalanyp, ýaş nesle bilim we terbiýe bermekde zähmetimizi gaýgyrmarys. Ata Watanymyzy, mähriban halkymyzy ösüşleriň täze belentliklerine tarap bedew bady bilen öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş aýdýarys.

**Şerife IBADULLAÝEWA,**
**Daşoguz şäheriniň 26-njy çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

Все права защищены